# Pyragyny okasañ!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Pyragyny okasañ! PYRAGYNY OKASAÑ!



Her goşgusy bir dünýä,
Pyragyny okasañ!
Geçmiş, geljek görünýä,
Pyragyny okasañ!
Yşk meýinden içersiñ,
Arzuw kölün guçarsyñ,
Ganatlanyp uçarsyñ,
Pyragyny okasañ!

Mertler götär il gamyn,
Söweşse goýmaz kemin,
Hikmetlidir her günüñ,

Pyragyny okasañ!

Halal näme bilersiñ,
Ýagşa hemdem bolarsyñ,
Has belende galarsyñ,
Pyragyny okasañ!

Dostuñ üçin köýersiñ,
Adyl ýola uýarsyñ,
Watany has söýersiñ,
Pyragyny okasañ!

Oguljennet NAZAROWA,
Daşoguz welaýatynyñ Akdepe etrabynyñ 20-nji orta mekdebiniñ mugallymy. Goşgular